# BOÝY BIR GARYŞ, SAKGALY IKI GARYŞ





# BOÝY BIR GARYŞ, SAKGALY IKI GARYŞ

*Erteki*



Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2010



Bir gojanyň üç ogly bar eken. Olaryň ulusy hem ortanjysy uzyn boýly, daýaw ýigit bolup ýetişipdir, iň kiçisi bolsa keltejik – boýy bir garyş, sakgaly iki garyş bolupdyr. Şonuň üçin oňa "Boýy bir garyş, sakgaly iki garyş" diýer ekenler.

Bir gün atalary öz ogullaryna:

– Eziz ogullarym, dagda ýaşaýan döwden meniň iki şaýy pul algym bar. Şol pula eşegimiziň aýagyna nal kakar ýaly myh alyp boljak. Haýsy biriňiz gidip, döwden algymyzy alyp gelmegi başarjak? – diýipdir.

Oglanlaryň ulusy:

– Men gideýin – diýipdir.

Atalary oňa rugsat beripdir. Ýigit döwüň ýanyna baryp:

– Eý, döw aga, sen nämüçin biziň atamyzdan karz alan iki şaýy bergiňi üzmeýärsiň? – diýipdir.

– Ataň biraz garaşsyn. Men ol şaýylary mellegimizde ekdim, ýöne olar heniz-ä gögerenok – diýýär.

– Sen-ä bir bihaýa aldawçy ekeniň – diýip, ýigit gaharlanypdyr. – Häziriň özünde iki şaýyny tap, atam eşegimiziň toýnagyna derrew nal kakmaly.







Bu sözlere döwüň gahary gelipdir-de, ýaňky ýigidiň sakgalyndan tutup, guýa oklapdyr. Guýynyň agzyny-da ullakan degirmen daşy bilen bekläpdir.

Doganlaryň ortanjysy bolan wakany bilip, atasyna:

– Atam, döwüň üstüne men gideýin. Agamy halas edip, döwden seniň iki şaýy algyňy hem alaýyn – diýipdir.

Atalary doganlaryň ortanjysyna rugsat berip, oňa şeýle diýýär:

– Eziz oglum, tizräk gidip gel, eşegiň aýagyny nallamaly, myh bolsa ýok!

Doganlaryň ortanjysy döwüň ýanyna baryp:

– Eý, ýigrenji döw, hany aýt, meniň doganym nirede? Häziriň özünde atamyza iki şaýy bergiňi üz! – diýen.

Onda döw:

– Seniň doganyň guýyň içinde otyr. Ol meniň beren iki şaýy pulumy sanap bilenok. Senem gir-de, oňa









puly sanaşmaga kömek et. Iki bolsaňyz, derrew sanap gutararsyňyz – diýýär-de, ýaňky ýigidiň sakgalyndan mäkäm tutup, agasynyň oturan guýusyna oklapdyr.

Bu wakanyň habary doganlaryň kiçisine ýetýär. Ol bada-bat atasynyň ýanyna baryp:

– Atam, meni goýber, döwüň ýanyna baraýyn. Agalarymy halas edip, seniň iki şaýy algyňy alyp, döwüň janyny jähenneme ibereýin – diýýär. Onda atasy howsala düşüp:

– Goýaweri, oglum, seniň iki sany daýaw doganlaryň döwüň hötdesinden gelip bilmediler, seň boýuň bir garyş, sakgalyň iki garyş halyňa döwe güýjüň ýetmez – diýipdir.





Emma doganlaryň kiçisi atasyna gulak asman, boýy ýarym garyş güjügini ýanyna alyp, döwüň üstüne gidipdir.

Ýolda oňa bir şagal duşupdyr. Boýy bir garyş, sakgaly iki garyş özüniň Ýarym garyş atly itine şagaly ýuwutmagy buýrupdyr. Ýarym garyş şagaly derrew ýuwudypdyr we olar ýene ýola düşüpdirler.

Ýolda olara ýene möjek gabat gelipdir. Boýy bir garyş, sakgaly iki garyş itine:









– Eý, Ýarym garyş, bas möjegi! – diýip gygyrypdyr.
It şobada möjegi hem garnyna gapgarypdyr.

Soňra olar çasly akýan bir derýajygyň boýuna ýetipdirler. Boýy bir garyş, sakgaly iki garyş ondan ýüzüp ýa-da böküp geçmegiň alajyny tapmandyr. Ol köp pikirlense-de, peýdasy degmändir.





Şonda ol itine:

– Eý, Ýarym garyş, derýanyň suwuny içsene! – diýýär.

It derrew derýajygyň suwuny gulkuldadyp, içip gutarypdyr.

Şeýdip Boýy bir garyş, sakgaly iki garyş boşap galan derýadan arkaýyn geçipdir.

Az ýöräp, köp ýöräp, olar döwüň mekanyna baryp ýetipdirler. Boýy bir garyş, sakgaly iki garyş derwezäniň agzyna baryp:

– Eý, ýigrenji döw, derwezäňi kül-uşak etmänkäm, tiz aç! – diýip gygyrypdyr.

Döw derwezäniň jaýrygyndan jyklapdyr-da, boýy bir garyş, sakgaly iki garyş, kiçijik bir adamy görüpdir. Şonda döwüň gahary gelip, derrew derwezäni açyp, gahar bilen:









– Ýeri, senmi meni gorkuzjak bolýan? Men-ä bir serçejik jürküldeýändir öýtdüm! Saňa näme gerek? – diýip heňkiripdir.

– Kelläň ýerindekä, meniň agalarymy boşat! – diýip, Boýy bir garyş, sakgaly iki garyş haýbat atypdyr. – Iki şaýy puly bolsa häziriň özünde gaýtar! Tiz bol!

– Seniň sakgalyň meniň iki barmagymy orap bilmegim üçin amatly bolup ösen eken – diýip, döw aýdypdyr. – Meniň towuk ketegimde towuklarymdyr horazym bar. Olar kän wagt bäri adam etini çokup görenoklar.

Bu sözlerden soň döw doganlaryň kiçisiniň sakgalyndan iki barmagy bilen tutup, ony towuk ketegine oklapdyr. Onuň Ýarym garyş iti eýesiniň yzyndan towuk





ketege tarap okdurylyp, ketegiň jaýrygyndan içine giripdir.

Horaz boýy bir garyş, kiçijik adamy görüp, ganatlaryny galgadyp, oljadan paýyny almaga towugy çagyrypdyr.

Boýy bir garyş, sakgaly iki garyş itine:

– Eý, Ýarym garyş, ýuwudan şagalyňy tizden-tiz goýber! – diýipdir.

It derrew şagaly bokurdagyndan çykarypdyr. Şagal böküp çykyp, horaz bilen towugy lak-luk atypdyr. It şagaly ýene ýuwudypdyr.

Ertesi döw baryp seretse, hälki kiçijik adam towuk ketekde arkaýyn uklap ýatyr eken. Oňa hiç zat bolmandyr. Döw horazyny, towugyny çagyrsa-da, olar hiç bir ýerden çykmandyrlar.

Döw:

– Eý, sakgally hažžyk, horaz bilen towuga näme boldy? – diýip sorapdyr.









Boýy bir garyş, sakgaly iki garyş oýanyp, gözlerini owkalaşdyryp:

– Men näbileýin? Menden gorkup, bir ýere gaçyp gidendirler-dä – diýipdir.

– Hä, şeýlemi! – diýip, döw gazaplanypdyr. – Onda meniň goçum senden gorkmaz. Ol seni samana garyp, diriligiňe ýuwudar – diýýär.

Döw ýigidiň iki garyş sakgalyndan tutup, goýun ýatagyna oklapdyr-da, gapysyny bekläpdir.

Yarym garyş it bolsa, ýuwaşlyk bilen eýesiniň ýanyna, agyla giripdir.





Görse Boýy bir garyş, sakgaly iki garyş, içi samanly ahyryň ýanynda ýatyr. Ol goýun bilen goçuň ýüzüni görüpdir. Goç agzyny açyp topulanda, kiçijik batyr itini çagyryp:

– Eý, Ýarym garyş, tizräk ýuwudan möjegiňi çykar! – diýýär.

It möjegi bokurdagyndan çykarýar. Ol goýun bilen goçy derrew lak-luk atýar. It möjegi gaýtadan ýuwudypdyr.

Ertesi döw agyla girip görse, kiçijik batyr ýumşak samanyň üstünde süýji ukuda ýatanmyş.

Döw:

– Eý, dereksiz bihepbe! Hany meniň goýun bilen goçum? – diýip arlapdyr.

Boýy bir garyş, sakgaly iki garyş:

– Men näbileýin! Menden gorkup, bir ýere gaçyp gidendirler-dä – diýýär.









– Hä, şeýlemi! – diýip, döw öňküdenem beter gygyrypdyr. – Onda seni meniň özüm iýäýjek – diýip, onuň sakgalyndan tutjak bolup, penjesini uzadypdyr.

Emma Boýy bir garyş, sakgaly iki garyş ahyrdan böküp çykypdyr-da, samanly haltanyň içinde gizlenipdir. Soňam:

– Eý, döw, goýun bilen goçuň nirede gizlenendigini men bilýän – diýip, ol samanly haltanyň içinden gygyrypdyr.

– Nirede? Hany, onda aýt derrew!

– Olar seniň ýaşaýan guýyň içine bökdüler. Bar-da, şol ýere girip özüň barla! – diýip, Boýy bir garyş, sakgaly iki garyş oturan ýerinden jogap beripdir.





Döw ylgap, guýa girýär, oglan bolsa derrew itini çagyryp:

– Eý, Ýarym garyş, içen derýaň suwuny guýa goýber-de, döwi gark et! – diýip buýurýar.

It guýyny suwdan doldurýar, döw bolsa gark bolup, guýynyň düýbünde galyberýär.

Soňra Boýy bir garyş, sakgaly iki garyş agalarynyň ýatan guýusynyň ýanyna baryp, degirmen daşy süýşürýär-de, agalaryny erkinlige, daşary çykarýar.

– Indi biz döwden halas bolduk – diýip, Boýy bir garyş, sakgaly iki garyş aýdýar. – Indi biz döwüň ýygşyryp goýan atamyzdan karz alan iki şaýy puluny tapmaly.









Uly agalary:

– Döwüň puly nirede gizländigini men bilýän. Ol şaýylary melleginde gömüpdir – diýen.

Doganlar pil-kätmen alyp, mellegi gazyp başlaýarlar. Olar şol ýerden içi gyzyl bilen doldurylan ýedi sany äpet küýze, içi kümüşli ýedi sany hum tapýarlar.

– Be, biz indi bu küýzeleri nädip öýe äkiderkäk? – diýip, ortanjy agalary soraýar – Munça agyr ýüki biz-ä göteribem bilmeris!







Şol mahal Boýy bir garyş, sakgaly iki garyş öz itine:

– Eý, Ýarym garyş, hany, şu gyzyl-kümüşli küýzeleri ýuwut! – diýip buýrupdyr.

It olary bada-bat ýuwudup, üç doganyň öňüne düşüp ylgap ugrapdyr.

Öz ogullarynyň sag-aman dolanyp gelenini görüp, atalary örän begenipdir. Boýy bir garyş, sakgaly iki garyş bolsa itini çagyryp, oňa küýzeleri çykarmagy buýrupdyr.

Bu altyn-kümüşleri görüp atalary:

– Bu hazynany nireden tapdyňyz? – diýip sorapdyr.

Uly dogany:

– Bu altyn-kümüşler seniň iki şaýy puluňdan gögerdi. Olary döw öz ýerine eken ekeni – diýýär.

Boýy bir garyş, sakgaly iki garyş bolsa:

– Ine, indi, atam, sen myh baryny satyn alyp, arkaýyn ýeke eşegimiziň toýnagyna nal kakyp bilersiň – diýip, agasynyň sözüniň üstüne goşupdyr.

Soň olar agzybir ýaşap, maksat-myratlaryna ýetipdirler.



## Boýy bir garyş, sakgaly iki garyş

*Erteki*


| | |
|---|---|
| Redaktor | *B. Orazdurdyýewa* |
| Suratçy | *W. Petrenko* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktory | *O. Nurýagdyýewa* |

Çap etmäge rugsat edildi 01.02.2010. A-42570.
Möçberi 60x84 $^{1}/_{8}$. Ofset kagyzy. Ofset çap ediliş usuly.
Şertli çap listi 3,72. Şertli reňkli ottiski 15,16. Hasap-neşir listi 3,52.
Çap listi 4,0. Sargyt 2569. Sany 15 000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.




